**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**
**DÖWLETMÄMMET AZADY ADYNDAKY TÜRKMEN MILLI DÜNÝÄ DILLERI INSTITUTY**

**“Tassyklaýaryn”**
**Rektor___________M.Çaryýew**
**“___” ýanwar 2026 ý.**

# Türkmenistanyň we daşary ýurtlaryň dil we beýleki ugurly ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda iňlis dili boýunça V halkara internet olimpiadasyny (IIOE - 2026) guramak we geçirmek hakynda DÜZGÜNNAMA

## I. Umumy düzgünler

1.1. Şu Düzgünnama Türkmenistanyň we daşary ýurtlaryň dil we beýleki ugurly ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda iňlis dili dersi boýunça V halkara internet olimpiadasyny (IIOE - 2026) (mundan beýläk Olimpiada) guramagyň we geçirmegiň kadalaşdyryjy resminamasy bolup, ony geçirmegiň maksadyny, wezipesini we tertibini kesgitleýär;

1.2. Olimpiada Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň goldamagy bilen Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri instituty (mundan beýläk Guraýjy) tarapyndan guralýar;

1.3. Guramaçylyk, usulyýet we tehniki goldawy utgaşdyrmak Olimpiadany Guraýjy tarapyndan alnyp barylýar.

## II. Olimpiadanyň maksady we wezipeleri

Olimpiadany geçirmegiň esasy maksady we wezipeleri şu aşakdakylardan ybaratdyr:

2.1. Talyplaryň nazary we amaly bilimlerini berkitmek we kämilleşdirmek;

2.2. Olarda iňlis dilini öwrenmäge bolan höwesi artdyrmak;

2.3. Talyplaryň iňlis dilini bilişiniň umumy derejesini we aragatnaşyk saklamak ukybyny barlamak;

2.4. Iňlis dilinde diňlemek, geplemek, ýazmak we okamak ýaly esasy endikleri ösdürmek;

Сканировано с CamScanner

2.5. Sanly ulgam arkaly ýokary okuw mekdepleriniň arasynda daşary ýurt dillerini kämilleşdirmek boýunça hyzmatdaşlygyň gerimini giňeltmek;

2.6. Daşary ýurt dillerine zehinli ýaşlary ýüze çykarmak we ukyplaryny artdyrmak.

## III. Guramaçylyk we eminler topary

3.1. Guramaçylyk we eminler topary toparyň başlygy, kätibi we agzalary tertibinde Guraýjy tarapyndan tassyklanylýar;

3.2. Guramaçylyk topary saýlama tapgyryň we Olimpiadanyň geçiriliş tertibini, möhletini we gatnaşyjylaryň sanawyny kesgitleýär;

3.3. Eminler topary saýlama tapgyryň netijeleri boýunça Olimpiada gatnaşyjylaryň sanawyny we Olimpiadanyň netijeleri boýunça ýeňijileriň sanawyny kesgitleýär;

3.4. Türkmenistanyň we daşary ýurtlaryň dil we beýleki ugurly ýokary okuw mekdepleriniň wekilleri bilen olimpiadany guramaçylykly geçirmek babatynda aragatnaşyk saklaýar.

## IV. Olimpiada gatnaşyjylar

4.1. Olimpiada Türkmenistanyň we daşary ýurtlaryň dil we beýleki ugurly ýokary okuw mekdepleriniň talyplary gatnaşyp biler;

4.2. Gatnaşyjylaryň sany çäklendirilmeýär;

4.3. Olimpiada gatnaşyk meýletin we tölegsiz tertipde ýerine ýetirilýär;

4.4. Olimpiada gatnaşmak isleýän talyp 2026-njy ýylyň mart aýynyň 24-ine çenli Guraýjynyň ***datmddi.edu.tm*** resmi internet saýtynyň *Halkara olimpiada* sahypasynda ýerleşdirilen soragnamany doldurmaly we tassyklamaly.

4.5. Gatnaşyjynyň hasaba alnandygy barada habar, gatnaşyjynyň ulanyjy ady we gizlin belgisi soragnamada görkezilen elektron salga ugradylýar (hasaba alnanda her bir gatnaşyjynyň şahsy elektron salgysyny ulanmagy zerur.)

## V. Olimpiadany guramagyň we geçirmegiň tertibi

5.1. Olimpiadany has guramaçylykly geçirmek maksady bilen, 2026-njy ýylyň aprel aýynyň 1-2-sine ýokary okuw mekdepleriniň özünde bir wagtda Guraýjynyň resmi internet saýtyna birikmek arkaly Olimpiadanyň saýlama tapgyry geçirilýär;

– Olimpiadanyň saýlama tapgyry online test görnüşde geçiriler we wideoşekil arkaly göni ýaýlymda görkeziler. Wideoşekile her bir gatnaşyjynyň ulanýan kompýuteriniň ekranynyň düşmegi wajyp. Gatnaşyjylaryň her biri gulaklyk bilen üpjün edilmeli;

– Test iňlis dilinde okaýyşa, diňlemä, grammatika degişli 5 ýumuşdan ybarat bolup, onuň ýerine ýetirilmegine 60 minut wagt berilýär;

Сканировано с CamScanner

- Gatnaşyjy testi özbaşdak ýerine ýetirmeli;
- Her bir gatnaşyja testi geçmek üçin bir mümkinçilik berilýär;
- Testi geçmek bilen gazanylan baha awtomatik usulda hasaplanylýar;

5.2. Eminler topary saýlama tapgyrda geçilen testiň netijeleri boýunça Olimpiadanyň gatnaşyjylaryny kesgitleýär:

- Saýlama tapgyra gatnaşan talyplaryň umumy sanyndan iň gowy netije görkezen 30 göterimi Olimpiada gatnaşmaga hukuk gazanar;

5.3. Olimpiadanyň açylyş dabarasy 2026-njy ýylyň aprel aýynyň 10-una institutyň uly mejlisler zalynda geçirilýär. Oňa türkmenistanly gatnaşyjylar gelip, daşary ýurtly gatnaşyjylar onlaýn görnüşde gatnaşarlar. 2026-njy ýylyň aprel aýynyň 10-11-ine Olimpiada aşakdaky tertipde geçiriler:

- ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinden Olimpiada gatnaşmaga hukuk gazanan talyplar Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň binasynda sanly bilim ulgamynyň üsti bilen;
- daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdeplerinden Olimpiada gatnaşmaga hukuk gazanan talyplar institutyň resmi internet saýtynyň üsti bilen onlaýn görnüşde gatnaşarlar;

5.4. Olimpiada iňlis dilinde okaýyşa, diňlemä, ýazma, sözleýşe, grammatika degişli 10 ýumuşdan ybarat bolup, onuň ýerine ýetirilmegine 90 minut wagt berilýär;

- Gatnaşyjy ýumuşlary özbaşdak ýerine ýetirmeli;
- Her bir gatnaşyja ýumuşy ýerine ýetirmek üçin bir mümkinçilik berilýär;
- Testi geçmek bilen gazanylan baha awtomatik usulda hasaplanylýar;

5.5. Eminler topary Olimpiadanyň netijeleri boýunça ýeňijileri kesgitleýär:

- Olimpiada gatnaşan talyplaryň sanyndan iň gowy netije görkezen 8 göterimi Olimpiadanyň ýeňijileri diýip yglan ediler;

5.6. Olimpiadanyň ýeňijileri Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň Diplomy bilen sylaglanar we olaryň sanawy institutyň resmi internet saýtynda 2026-njy ýylyň aprel aýynyň 17-sine yglan ediler.

***Habarlaşmak üçin:*** ***interolympdatmddi@gmail.com***

Сканировано с CamScanner